Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2005-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 1 3 - i n d e № 348 bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Bas döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanyldy

***Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2006-njy ýylyň Nowruz aýynyň 31-inde № 375 bilen bellige alnan üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2011-nji ýylyň 23-nji martynda № 558 bilen bellige alnan üýtgetmeleri hasaba almak bilen***

# «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmeler

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça şu Usuly görkezmeler (mundan beýläk – Usuly görkezmeler) salgyt salmagy, salgytlary tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň, salgyt töleýjileriň, salgyt gullugynyň edaralarynyň hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirmegiň tertibini, salgyt gözegçiligini amala aşyrmak üçin, şeýle hem salgyt hukuk gatnaşyklarynyň dowamynda ýüze çykýan beýleki ýagdaýlar üçin işlenilip taýýarlanyldy. Usuly görkezmeler «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 8-nji, 23-nji, 24-28-nji, 33-nji, 34-nji, 39-njy, 41-nji, 49-njy, 54-57-nji, 62-nji, 64-70-nji, 72-nji, 74-nji, 81-84-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

1. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 8-nji we 23-nji maddalarynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, salgyt ýeňilliklerini ulanmak boýunça şu görnüşler bellenilýär:

**salgytlar boýunça ýeňilliklerden peýdalanmazlyk (olary peýdalanmagy ret etmek) barada arza** – şu Usuly görkezmelere № 1 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arza «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýän we salgyt ýeňillikleri hem-de salgytdan boşatmalary ret etmäge isleg bildiren taraplar tarapyndan ýazylýar. Arza basma harplarda doldurylýar;

2) arza salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ýeňilliklerden peýdalanmazlygy ýa-da peýdalanmagy ret etmegi maksat eden salgyt döwri başlanýança 15 günden giç bolmadyk möhletde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna berilýär;

3) arzanyň 2-13-nji, 15-nji we 16-njy setirleri arza beren tarapyndan doldurylýar;

4) arzanyň 14-nji we 17-nji setirleri hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

5) arza iki nusgada ýazylýar, olaryň birinjisi arza berene gaýtarylyp berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Arza salgyt gullugynyň edarasyna berilen gününden soň 10 günüň dowamynda garalýar. Ret edilen ýagdaýynda, ret etmegiň sebäpleri jikme-jik görkezilip, salgyt töleýjä şol möhletde ýazmaça habarnama iberilýär.

**salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak barada arza** – şu Usuly görkezmelere № 2 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arza «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýän we hasabat döwründe salgyt ýeňilliklerinden hem salgytdan boşatmalardan peýdalanan ähli edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýazylýar.

Bellenen görnüşdäki arza, salgydy salgyt ýumuşçylary tarapyndan hasaplanylýan we tutulyp alynýan taraplar tarapyndan berilmeýär. Salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak baradaky şeýle arza görkezilen taraplar tarapyndan salgyt ýumuşçylaryna erkin görnüşde ýazylyp berilýär;

2) arza iki nusgada ýazylýar, olaryň biri salgydyň degişli görnüşi boýunça Beýannama bilen bilelikde hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjide galýar;

3) arza basma harplarda doldurylýar, arzanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin arza diňe edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt babatda ýazylýar we haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, arzanyň baha görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda doldurylýar;

4) arzanyň 2-13-nji, 15-19-njy setirleri arza beriji tarapyndan doldurylýar;

5) arzanyň 14-nji, 20-nji we 21-nji setirleri hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

6) „Hukuk esasy“ diýen sütünde degişlilikde «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň bölümi, bölegi we maddasy ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namanyň bölümi, bölegi we maddasy we şeýle namanyň doly ady, belgisi we senesi görkezilýär;

7) salgyt ýeňilliklerinden hem salgytdan boşatmakdan peýdalanylmagyň netijesinde goşmaça hasaplanyp ýazylmadyk we tölenmedik hasaplanan pul möçberi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň degişli maddalarynda bellenilen salgyt möçberlerinden we salgyt özenine goşulmadyk, 16.1-16.9-njy setirlerde görkezilen pul möçberlerinden ugur alynyp:

goşulan baha üçin salgyt boýunça – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 106-njy maddasyna laýyklykda;

emläk üçin salgyt boýunça – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 143-nji maddasyna laýyklykda;

edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 170-nji maddasyna laýyklykda;

şeýle hem beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda kesgitlenýär.

2. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 2-nji böleginiň 23-nji maddasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, ýagny salgyt gullugyna zerur maglumatlary bermek boýunça şol maddada görkezilen borçlary berjaý etmek üçin, şu görnüşler bellenilýär:

**Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky bank edaralarynda hasaplaşyk ýa-da gaýry hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 3 goşundy.

Habarnamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýän ähli edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan berilýär. Türkmenistanyň rezidenti bolup durmaýan taraplar görkezilen habarnamany diňe Türkmenistanda peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik ýa-da gaýry işi amala aşyrmak üçin ulanylýan hasaplar barada berýärler;

2) habarnama basma harplarda doldurylýar;

3) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky bank edaralarynda hasaplaryň açylan (ýapylan) gününden başlap üç gün möhletde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjide galýar;

4) habarnamanyň 2-7-nji we 9-14-nji setirleri salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan doldurylýar;

5) habarnamanyň 8-nji we 15-nji setirleri hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

**beýleki edara görnüşli taraplara (ýa-da şereketlere) paýly gatnaşmak barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 4 goşundy.

Habarnamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama beýleki edara görnüşli taraplara ýa-da şereketlere paýly gatnaşýan ähli edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan berilýär. Türkmenistanyň rezidenti däl edara görnüşli taraplar, eger munuň özi Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy tarapyndan düzgünleşdirilýän gatnaşyklar bilen baglanyşykly bolsa, şeýle gatnaşyklar barada habar bermäge borçlydyrlar;

2) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri beýleki edara görnüşli taraplara ýa-da şereketlere paýly gatnaşyp başlanylan günden on günden gijä galman tarapyň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa ony ýazan tarapda galýar;

3) habarnama basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýa-da gaýry pulda (puluň görnüşini görkezmek bilen) görkezilýär;

4) habarnamanyň 2-7-nji we 9-26-njy setirleri salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar;

5) habarnamanyň 8-nji we 27-nji setirleri hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

6) habarnamanyň 2-nji sütüniniň 13.1-13.3-nji setirlerinde, şeýle hem 24-nji setir boýunça gatnaşmagyň paýy göterimde görkezilýär;

**edara görnüşli taraplaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň döredilendigi, üýtgedip guralandygy ýa-da ýapylandygy barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 5 goşundy.

Habarnamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) aýrybaşgalanan düzüm birlikleri Türkmenistanyň çäklerinde, Türkmenistanyň rezidentleri üçin bolsa onuň çäklerinden daşarda döredilende, üýtgedip guralanda ýa-da ýatyrylanda ähli edara görnüşli taraplar habarnamany berýärler;

2) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň döredilen, üýtgedip guralan ýa-da ýatyrylan gününden on günden gijä galman hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa ony ýazan tarapda galýar;

3) habarnama basma harplarda doldurylýar;

4) habarnamanyň 2-5-nji we 7-10-njy setirleri salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar;

5) habarnamanyň 6-njy we 11-nji setirleri hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

**işini bes edýändigi, ýapylýandygy ýa-da üýtgedilip guralýandygy, gurpsyz (batan) diýip yglan edilýändigi barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 6 goşundy.

Habarnamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama iş bes edilende, ýapylanda ýa-da üýtgedip guralanda, gurpsuzdygy (batandygy) yglan edilende ähli edara görnüşli taraplar, şeýle hem degişli ýagdaýlarda hususy telekeçiler tarapyndan berýärler;

2) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri degişli çözgüt kabul edilen gününden on günden gijä galman hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa ony ýazan tarapda galýar;

3) habarnama basma harplarda doldurylýar;

4) habarnamanyň 2-8-nji we 10-12-nji setirleri salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar;

5) habarnamanyň 9-njy we 13-nji setirleri hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

**edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýeriniň, dolandyrylýan ýeriniň we hususy telekeçiniň ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 7 goşundy.

Habarnamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýeri, dolandyrylýan ýeri üýtgände ähli edara görnüşli taraplar tarapyndan, şeýle hem hususy telekeçileriň ýaşaýan ýeri üýtgände olar tarapyndan berýärler;

2) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri degişli çözgüt (edara görnüşli tarap üçin) kabul edilen ýa-da hususy telekeçiniň ýaşaýan ýerini üýtgeden gününden on günden gijä galman hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa ony ýazan tarapda galýar;

3) habarnama basma harplarda doldurylýar;

4) habarnamanyň 2-8-nji we 10-15-nji setirleri salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar;

5) habarnamanyň 9-njy we 16-njy setirleri hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar.

3. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 28-nji maddasynyň bank edaralarynyň salgyt gullugyna maglumatlary bermekligi baradaky talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, şu görnüşler bellenilýär:

**şahsy adamlaryň hasaplary hakyndaky maglumatlary bermek baradaky talapnama** – şu Usuly görkezmelere № 8 goşundy.

Talapnamany düzmek boýunça düşündiriş:

1) bellenilen görnüşindäki talapnama bankyň ýerleşýän ýerine garamazdan salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan bank edaralaryna iberilip bilner;

2) talapnama iki nusgada düzülýär, olaryň biri bank edarasyna iberilýär, ikinjisi bolsa talapnamany ýazan salgyt gullugynda galýar;

**şahsy adamlaryň hasaplary barada maglumat** – şu Usuly görkezmelere № 9 goşundy.

Maglumaty düzmek boýunça düşündiriş:

1) maglumat iki nusgada düzülýär, olaryň biri salgyt gullugyna iberilýär, ikinjisi bolsa bank edarasynda galýar;

2) maglumat «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 28-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde bank edaralary tarapyndan degişli salgyt gullugyna iberilýär;

3) haçan-da salgyt gullugy beýleki salgyt gullugynda hasapda durýan salgyt töleýji babatdaky maglumaty alan ýagdaýynda, şeýle maglumat alynan gününiň ertesinden gijä galynman salgyt töleýjiniň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

**edara görnüşli taraplara hasaplaryň açylandygy (ýapylandygy) barada habarnama –** şu Usuly görkezmelere № 10 goşundy.

Habarnamany düzmek boýunça düşündiriş:

1) habarnama iki nusgada düzülýär, olaryň biri salgyt gullugyna iberilýär, ikinjisi bolsa bank edarasynda galýar;

2) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 28-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde bank edaralary tarapyndan degişli salgyt gullugyna iberilýär;

3) haçan-da salgyt gullugy beýleki salgyt gullugynda hasapda durýan salgyt töleýji babatdaky habarnamany alan ýagdaýynda, şeýle habarnamalar alynan gününiň ertesinden gijä galynman salgyt töleýjiniň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

**hususy telekeçilere hasaplaryň açylandygy (ýapylandygy) barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 11 goşundy.

Habarnamany düzmek boýunça düşündiriş:

1) habarnama iki nusgada düzülýär, olaryň biri salgyt gullugyna iberilýär, ikinjisi bolsa bank edarasynda galýar;

2) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 28-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde bank edaralary tarapyndan degişli salgyt gullugyna iberilýär;

3) haçan-da salgyt gullugy beýleki salgyt gullugynda hasapda durýan salgyt töleýji babatdaky habarnamany alan ýagdaýynda, şeýle habarnamalar alynan gününiň ertesi gününden gijä galynman salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

**işi bilelikde alyp barýan taraplara (şerekete) hasaplaryň açylandygy (ýapylandygy) barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 12 goşundy.

Habarnamany düzmek boýunça düşündiriş:

1) habarnama iki nusgada düzülýär, olaryň biri salgyt gullugyna iberilýär, ikinjisi bolsa bank edarasynda galýar;

2) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 28-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde bank edaralary tarapyndan degişli salgyt gullugyna iberilýär;

3) haçan-da salgyt gullugy şereketiň adyndan hasaby ulanmaga ygtyýar edilen we beýleki salgyt gullugynda hasapda goýlan salgyt töleýji babatdaky habarnamany alan ýagdaýynda, şeýle habarnamalar alynan gününiň ertesinden gijä galynman salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri bounça salgyt gullugyna iberilýär;

**daşary ýurtly edara görnüşli tarapa ýa-da şahsy adama toplaýyş hasabynyň açylandygy (ýapylandygy) barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 13 goşundy.

Habarnamany ýazmak boýunça düşündiriş:

1) habarnama iki nusgada düzülýär, olaryň biri salgyt gullugyna iberilýär, ikinjisi bolsa bank edarasynda galýar;

2) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 28-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde bank edaralary tarapyndan degişli salgyt gullugyna iberilýär;

3) haçan-da salgyt gullugy beýleki salgyt gullugynda hasapda goýlan salgyt töleýji babatdaky habarnamany alan ýagdaýynda, şeýle habarnamalar alynan gününiň ertesinden gijä galynman salgyt töleýjiniň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär.

4. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 33-nji maddasynyň salgyt beýannamasyny gowşurmagyň möhletini uzaltmak baradaky talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **salgyt beýannamasyny bermegiň möhletini uzaltmak üçin arzanyň** görnüşi bellenilýär – şu Usuly görkezmelere № 14 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arza «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda salgyt töleýjiler bolup durýan we salgyt beýannamalaryny bermek borjy üstüne ýüklenen ähli taraplar tarapyndan berlip bilner;

2) arza iki nusgada ýazylýar we salgyt beýannamasyny bermegiň bellenilen möhleti geçýänçä salgyt hasabynda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna berilýär;

3) arza basma harplarda doldurylýar, arzanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda görkezilýär. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň hasaplanan we tölenen pul möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

4) arzanyň 2-7-nji we 9-12-nji setirleri salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar;

5) arzanyň 8-nji, 13-nji we 14-nji setirleri hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

6) arza berilen gününden soň bir günüň dowamynda salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan seredilýär. Arzanyň iki nusgasynda 13-nji setirinde kabul edilen çözgüt barada bellik edilýär. Arzanyň birinji nusgasy indiki günden gijä galman salgyt töleýjä gaýtarylyp berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

7) salgyt beýannamasyny gowşurmagyň möhletini uzaltmagyň hereket edýän döwründe, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 62-nji maddasy bilen bellenilen, salgydy töletdirmegi üpjün etmegiň çäreleri, şeýle hem salgyt beýannamasynyň berilmändigi üçin edara ediş jerimeleri şol salgyt babatda salgyt töleýjä ulanylmaýar;

8) şular salgyt beýannamasyny gowşurmagyň möhletini uzaltmagy ret etmegiň sebäpleri bolup biler:

arzany bermegiň bellenilen möhletiniň bozulmagy;

arzanyň bellenilen görnüş boýunça ýazylmazlygy ýa-da bellenilen görnüşde göz öňünde tutulan maglumatlaryň doly görkezilmezligi;

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 39-njy maddasyna laýyklykda salgydyň çak edilýän möçberiniň nädogry kesgitlenilmegi;

salgydyň çak edilýän möçberiniň öz wagtynda ýa-da doly tölenmezligi;

beýleki esaslandyrylan sebäpler.

5. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasynyň salgyt töleýjilere, salgyt ýumuşçylaryna we beýleki taraplara salgyt habarnamalaryny ibermek boýunça talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, şu görnüşler bellenilýär:

**salgyt gullugy tarapyndan hasaplanan salgydyň möçberi barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 15 goşundy.

Salgyt habarnamasynyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 34-nji maddasynyň 5-nji bölüminde we 39-njy maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda ýazylýar;

2) hususy telelekeçiler üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça habarnama Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2004-nji ýylyň Sanjar aýynyň 30-ndaky № 71-Ö buýrugy bilen we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe Ministriniň wezipesini ýerine ýetirijiniň 2004-nji ýylyň Sanjar aýynyň 30-ndaky № 55 buýrugy bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 9-nda № 330 bilen hasaba alnan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň II bölegi bilen bellenilen salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmeleriň № 9 goşundysyna laýyklykdaky görnüş boýunça ýazylýar;

3) habarnama salgyt töleýjiniň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan düzülýär;

4) habarnama iki nusgada düzülýär, olaryň biri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjä iberilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

5) habarnama basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda görkezilýär. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, habarnamanyň baha görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

6) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 34-nji maddasynyň 5-nji bölüminde göz öňünde tutulýan ýagdaýlarda habarnama ýazylanda, salgyt töleýjiniň salgydy tölemekden boýun gaçyrmak pikiriniň bardygyna şaýatlyk edýän halatlar hökmünde, hususan-da, şu aşakdakylar hasap edilip bilner:

salgyt gullugynyň prokuratura, içeri işler edaralaryndan we beýleki resmi çeşmelerden salgyt töleýjiniň aktiwlerini gizländigine, şeýle hem salgyt töleýjiniň wezipeli işgärleriniň ýa-da

salgyt ýumuşçysynyň – edara görnüşli tarapyň ýa-da hususy telekeçiniň gizlenmegi maksat edýändigine şaýatlyk edýän maglumatlary almagy;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugyna gelmekden yzygiderli boýun gaçyrmagy;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägi gyssagly satmagy ýa-da emlägi başga taraplaryň adyna resmileşdirmegi;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) serişdeleriniň beýleki edara görnüşli taraplaryň hasaplarynda toplanylmagy;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt barlagynyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň çykaran çözgüdini ýerine ýetirmezligi;

salgyt gullugy tarapyndan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 34-nji maddasynyň 5-nji bölümi bilen bellenilen çäreleri ulanmaga esas bolup ykrar edilip bilinjek beýleki ýagdaýlar we maglumatlar;

**kameral (resminamalaýyn) salgyt barlagynyň netijeleri boýunça salgydyň möçberiniň bellenilendigi barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 16 goşundy.

Salgyt habarnamasynyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama kameral barlagyň netijeleri boýunça, şeýle hem salgyt töleýji resminamalaýyn salgyt barlagyň ykrarhatyny almakdan boýun gaçyranda ýazylýar;

2) habarnama salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan ýazylýar;

3) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjä iberilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

4) habarnama basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda görkezilýär. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, habarnamanyň baha görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda doldurylýar;

5) habarnamanyň 12-14-nji setirlerinde salgydy tölemek üçin bellenen seneden barlagyň ykrarhatynyň ýazylan senesine çenli döwür üçin hasaplanan puşmana töleginiň möçberi görkezilýär;

**salgydy tölemek boýunça ýerine ýetirilmedik borç barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 17 goşundy.

Salgyt habarnamasynyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgydy, şol sanda kameral we resminamalaýyn salgyt barlaglaryň netijelerinde goşmaça hasaplanan salgytlary tölemek boýunça borçlaryny bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmedik ýagdaýlarynda ýazylýar. Eger-de habarnamany ibermegiň bellenilen möhletine çenli salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy maddasynda göz öňünde tutulan salgydy töletdirmegi üpjün eden çäreler eýýäm ulanylan bolsa, habarnama salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) iberilmeýär;

2) habarnama salgyt töleýjiniň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan ýazylýar;

3) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjä iberilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

4) habarnama basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda görkezilýär. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň

dollarynda bellenilen bolsa, habarnamanyň baha görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda doldurylýar;

**salgyt habarnamalaryny hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 18 goşundy.

Žurnalyň degişli sütünlerine we setirlerine düşündiriş:

1) žurnal salgyt habarnamasy iberilýän salgyt töleýjileriň hasapda duran ýeri boýunça salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär;

2) salgyt habarnamalarynyň hasaba alynandygy baradaky ýazgy salgyt habarnamasynyň ýazylyp berilen gününde ýazylýar;

3) žurnalyň 6-njy sütünindäki ýazgylar salgyt habarnamasynyň mazmunyna doly gabat gelmelidir.

Salgyt töleýjilere we salgyt ýumuşçylaryna iberilýän salgyt habarnamalarynyň beýleki görnüşleri şu Usuly görkezmeleriň beýleki bölümleri bilen bellenilendir.

6. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 54-56-njy maddalarynyň salgydy (maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri) tölemegiň möhletlerini üýtgetmek boýunça talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, şu görnüşler bellenilýär:

**salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek barada arza** – şu Usuly görkezmelere № 19 goşundy.

Arzanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) arza şu ýagdaýlarda ýazylýar:

salgyt töleýji tarapyndan salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri, şol sanda kameral we resminamalaýyn salgyt barlaglaryň netijelerinde goşmaça hasaplanan salgytlary, ulanylan maliýe jerimelerini we hasaplanan puşmana tölegleri tölemek boýunça borçlary bellenilen möhletlerde ýerine ýetirilmese; ýa-da

haçan-da salgyt töleýjiniň salgytlary (maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri) tölemek boýunça borçlaryny bellenilen möhletlerde we doly möçberde ýerine ýetirip bilmejekdigini çak etmäge esaslary bar bolsa; we

haçan-da salgyt töleýjiniň tölegleri tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň birinji bölüminde bellenilen esaslary bar bolsa;

2) arza iki nusgada ýazylýar, olaryň biri arza bereniň hasapda goýlan ýeri boýunça arza salgyt gullugyna berilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjide galýar. Hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugy arzany alandan, onda tölegleri tölemegiň möhletlerini yza süýşürmegi bellemek üçin beýan edilen esaslaryň ygtybarlydygyny, şeýle hem ähli gerek resminamalaryň bardygyny barlandan soň, ony we oňa goşulýan resminamalary welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugyny bular barada habarly edip, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna iberýär. Arzada beýan edilen esaslaryň ygtybarlydygyny barlamaklyk bäş günden geçmeli däldir. Hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugy iberilýän resminamalara şulary hem goşýar:

a) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 2-nji bölüminde bellenilen, salgytlary tölemegiň möhletiniň üýtgemegini aradan aýyrýan esaslaryň ýokdygy baradaky kepilnama;

b) Türkmenistanyň Döwlet býujetine bergi baradaky kepilnama;

3) arza basma harplarda doldurylýar, baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

4) arzanyň 2-7-nji we 9-13-nji setirleri salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar;

5) arzanyň 8-nji setiri hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan doldurylýar;

6) arza ol alynandan soň «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 6-njy bölüminde bellenilen möhletde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan seredilýär;

7) salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek barada arza bilen bilelikde, salgyt töleýji şu aşakdaky resminamalary bermelidir:

a) salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň geçen ýyl we salgyt töleýjiniň salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek babatda ýüz tutan ýylynyň geçen döwri boýunça maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän balanslaryny we maliýe hasabatynyň beýleki görnüşlerini;

b) girewe goýuljak ýa-da girewe goýlan emläkler baradaky resminamalary, ýa-da kepil geçilýändigi baradaky resminamany;

ç) tebigy hadysalar, tehnologik betbagtçylyklar ýa-da gaýry ýeňip geçip bolmajak güýçler netijesinde salgyt töleýjä zelel ýetendigini tassyklaýan resminamany, şeýle hem muňa ygtyýarly edilen edara tarapyndan tassyklanan, ýetirilen zeleliň möçberi baradaky kepilnamany – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň «a» kiçi bölüminde görkezilen esaslar boýunça tölegleri tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) barada ýüz tutulan mahaly;

d) bu tarapy Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirmegiň bökdelmegini tassyklaýan resminamany – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň «b» kiçi bölüminde görkezilen esaslar boýunça tölegleri tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) barada ýüz tutulan mahaly;

e) ygtyýarly edilen edara tarapyndan tassyklanan, salgyt tölegleri bir wagtlaýyn tölenende, bu tarapa batmak howpynyň abanmaklyk mümkinçiligini tassyklaýan resminamany – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň «ç» kiçi bölüminde görkezilen esaslar boýunça tölegleri tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) barada ýüz tutulan mahaly;

ä) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň talaby boýunça salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek meselesine garamak üçin zerur bolan beýleki resminamalary;

**salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek mümkinçiligini bermek barada çözgüt** – şu Usuly görkezmelerine № 20 goşundy.

Çözgüdi ýazmak boýunça düşündiriş:

1) salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek mümkinçiligi berilen ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň arzasy, şeýle hem oňa goşulýan resminamalar alynandan we olara garalandan soň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan çözgüt bellenilen görnüş boýunça çykarylýar we ýazylýar. Çözgüt «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 6-njy bölümi bilen bellenilen möhletlerde ýazylýar;

2) çözgüt üç nusgada ýazylýar. Çözgüdiň birinji nusgasy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda galýar, ikinjisi salgyt töleýjä, üçünjisi – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 9-njy bölümi bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

3) çözgüt basma harplarda doldurylýar, çözgüdiň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň pul möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

**salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek barada çözgüt** – şu Usuly görkezmelere № 21 goşundy.

Çözgüdi ýazmak boýunça düşündiriş:

1) salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berilen ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň arzasy, şeýle hem oňa goşulýan resminamalar alynandan we olara garalandan soň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan çözgüt bellenilen görnüş boýunça çykarylýar we ýazylýar. Çözgüt «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 6-njy bölümi bilen bellenilen möhletlerde ýazylýar;

2) çözgüt üç nusgada ýazylýar. Çözgüdiň birinji nusgasy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda galýar, ikinjisi salgyt töleýjä, üçünjisi – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 9-njy bölümi bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

3) çözgüt basma harplarda doldurylýar, çözgüdiň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň pul möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

4) çözgüdiň 1-nji bölüminde tablisalarda „Tölemek möhleti“ setiri boýunça senäniň şu san belgileri görkezilýär: „GG/AA/ÝÝÝÝ“, şunda GG – aýyň güni; AA – aýyň belgisi; ÝÝÝÝ – ýyl. Şeýle san belgileri beýleki görnüşlerde hem ulanylýar;

**salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermegi ret etmek barada çözgüt** – şu Usuly görkezmelere № 22 goşundy.

Çözgüdi ýazmak boýunça düşündiriş:

1) salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermeklige ret edilen ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň arzasy, şeýle hem oňa goşulýan resminamalar alynandan we olara garalandan soň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan çözgüt bellenilen görnüş boýunça çykarylýar we ýazylýar. Çözgüt «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 6-njy bölümi bilen bellenilen möhletlerde ýazylýar;

2) çözgüt üç nusgada ýazylýar. Çözgüdiň birinji nusgasy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda galýar, ikinjisi – salgyt töleýjä, üçünjisi – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 9-njy bölümi bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

3) çözgüt basma harplarda doldurylýar, çözgüdiň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň pul möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

4) çözgüdiň 2-nji bölüminde ret etmegiň delilleri we esaslary, hususan-da «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 55-nji maddasynyň 2-nji bölüminde görkezilenler beýan edilýär;

**salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermegi ýatyrmak barada çözgüt** – şu Usuly görkezmelere № 23 goşundy.

Çözgüdi ýazmak boýunça düşündiriş:

1) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 56-njy maddasynyň 3-nji we 4-nji bölümlerinde görkezilen ýagdaýlarda, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermek ýatyrylanda, çözgüt bellenilen görnüş boýunça çykarylýar we ýazylýar. Tölegleri tölemegiň möhletlerini yza

süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermek baradaky çözgüdiň möhleti geçen bolsa, şeýle hem salgyt töleýji bellenilen möhlet geçýänçä hemme bergisiniň möçberini tölän ýagdaýynda çözgüt kabul edilmeýär;

2) çözgüt üç nusgada ýazylýar. Çözgüdiň birinji nusgasy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda galýar, ikinjisi salgyt töleýjä, üçünjisi – «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 56-njy maddasynyň 5-nji bölümi bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

3) çözgüt basma harplarda doldurylýar, çözgüdiň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň pul möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

4) çözgüdiň 2-nji bölüminde tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) boýunça öň berilen mümkinçiligiň ýatyrylmagynyň sebäpleri beýan edilýär. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermegiň şertleri salgyt töleýji tarapyndan bozulanda, şeýle bozulmanyň ýüze çykarylan gününiň ertesinden gijä galman, salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň degişli çözgüdi kabul etmegi üçin bular barada ony habardar edýär;

**salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermek (bermegi ret etmek) baradaky çözgütleri hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 24 goşundy.

Žurnalyň degişli sütünlerine we setirlerine düşündiriş:

1) žurnal Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gulluklary tarapyndan, şeýle hem salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berilýän salgyt töleýjileriň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär;

2) žurnal basma harplarda doldurylýar, žurnalyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar;

3) žurnalyň 8-nji sütüninde degişli çözgüt kabul edilýän salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň umumy möçberi görkezilýär;

4) tölegleri möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berilende, žurnalyň 9-njy sütüninde möhletlere bölüp tölemek mümkinçiliginiň gutarýan möhletiniň soňky senesi görkezilýär;

5) žurnalyň 12-nji we 13-nji sütünlerinde ýazgylar tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligi berilýän çözgüdiň tertip belgisindäki (1-nji sütün) belgide amala aşyrylýar;

6) salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek (tölegleri möhletlere bölüp tölemek) mümkinçiligini bermek (bermekligi ret etmek) baradaky çözgütleriň hasaba alynandygy baradaky ýazgylar degişli çözgüdiň çykarylan ýa-da onuň alynan gününde ýazylýar.

7. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasynyň salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, şu görnüşler bellenilýär:

**salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek baradaky çözgüt** – şu Usuly görkezmelere № 25 goşundy.

Çözgüdi ýazmak boýunça düşündiriş:

1) salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergiler Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Baş

döwlet salgyt gullugy tarapyndan hasapdan öçürilen mahaly çözgüt çykarylyp, bellenilen görnüş boýunça ýazylýar;

2) çözgüt dört nusgada ýazylýar. Çözgüdiň birinji nusgasy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda galýar, ikinjisi – Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligine, üçünjisi salgyt töleýjä, dördünjisi – onuň alynan gününden soň üç gün möhletde salgyt töleýjiniň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

3) çözgüt basma harplarda doldurylýar, çözgüdiň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, salgydyň pul möçberi ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

4) çözgüdiň 1-nji bölüminde «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 57-nji maddasynyň 1-nji bölüminde göz öňünde tutulan, bergileriň üzüljegine umyt ýokdygyny ykrar edýän esaslar görkezilýär;

**salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek baradaky çözgütleri hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 26 goşundy.

Žurnalyň degişli sütünlerine we setirlerine düşündiriş:

1) žurnal Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan, şeýle hem salgyt töleýjileriň salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürilende, olaryň hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär;

2) žurnal basma harplarda doldurylýar, žurnalyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar;

3) žurnalyň 6-njy sütüninde hasapdan öçürmek çözgüdi kabul edilýän salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň umumy möçberi görkezilýär;

4) salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek baradaky çözgütleriň hasaba alynandygy baradaky ýazgylar degişli çözgüdiň çykarylan ýa-da onuň alynan gününde ýazylýar.

8. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 63-70-nji maddalarynyň salgydyň tölenilmedik möçberini üçünji tarapdan tutup almak we soňra emlägi tutup almak bilen, şol emläge ygtyýar etmek hem (ýa-da) emlägi peýdalanmak hukugyny gadagan etmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, şu görnüşler bellenilýär:

**salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidaryna salgydy töletdirmek barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 27 goşundy.

Habarnamanyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgydy (maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri), şol sanda kameral we resminamalaýyn salgyt barlaglaryň netijelerinde goşmaça hasaplanan salgytlary (maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini) tölemek boýunça borçlaryny bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmedik, şeýle hem bank edarasyna berilen akseptsiz töleg talapnamasy tölenilmedik (doly tölenilmedik) ýagdaýlarynda ýazylýar;

2) habarnama salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan ýazylýar.

Habarnama salgyt gullugynda bar bolan we resminamalar bilen tassyklanan, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary (edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler) we şol bergileriň möçberleri baradaky maglumat esasynda ýazylýar. Görkezilen maglumat salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özi tarapyndan hem berilip bilner, şeýle hem «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 84-nji maddasyna laýyklykda, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatda salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýan barlagy geçirmek ýoly bilen alynyp bilner.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) berýän maglumatynda şular görkezilmelidir:

maglumat berýän edara görnüşli tarapyň doly ady ýa-da hususy telekeçiniň ady, familiýasy, atasynyň ady;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hususy salgyt belgisi;

maglumat berilýän salgyt gullugynyň ady;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary bolup durýan edara görnüşli taraplaryň doly ady ýa-da hususy telekeçileriň ady, familiýasy, atasynyň ady;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlarynyň hususy salgyt belgisi;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidirlarynyň bankynyň ady, hasaplaşyk hasabynyň belgisi we beýleki gerek bolan bank maglumatlary;

berginiň möçberi baradaky maglumatlaryň görkezilen senesi;

berginiň möçberi;

bar bolan bergini tassyklaýan resminamanyň ady, belgisi we senesi.

Görkezilen maglumatyň ýazylan senesi görkezilip, oňa edara görnüşli tarapyň – salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýolbaşçysy we baş buhgalteri ýa-da hususy telekeçi gol çekmelidir, şeýle hem onuň düzülen senesi görkezilýär. Maglumata edara görnüşli tarapyň möhüri bilen güwä geçilýär.

Salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçysyna) barlag geçirilende maglumatnama ýazylýar, onda hususan-da şular görkezilýär:

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary bolup durýan edara görnüşli taraplaryň doly ady ýa-da hususy telekeçileriň ady, familiýasy, atasynyň ady;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlarynyň hususy salgyt belgisi;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlarynyň bankynyň ady, hasaplaşyk hasabynyň belgisi we beýleki gerek bolan bank maglumatlar;

berginiň möçberi baradaky maglumatlaryň görkezilen senesi;

berginiň möçberi;

bar bolan bergini tassyklaýan resminamanyň ady, belgisi we senesi;

3) habarnama iki nusgada ýazylýar, olaryň biri salgyt töleýjiniň bergidaryna iberilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar. Habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasynda bellenilen we akseptsiz töleg talapnamasyny bank edarasyna bermek üçin bellenilen seneden hasaplanýan möhletlerde iberilýär;

4) habarnama basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda ýazylýar. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar – salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, habarnamanyň baha görkezijileri ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär;

**salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek barada karar** – şu Usuly görkezmelere № 28 goşundy.

Karary düzmäge düşündiriş:

1) karar salgyt gullugy tarapyndan şu «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-njy, 62-nji we 63-nji maddalarynda göz öňünde tutulan çäreler ulanylanyndan soň salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary (maliýe jerimelerini, puşmana tölegleri) tölemek boýunça, şol sanda kameral we resminamalaýyn salgyt barlaglaryň netijeleri boýunça goşmaça hasaplanylan salgytlary (maliýe jerimeleri, puşmana tölegleri) boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedik mahaly çykarylýar;

2) karar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 65-nji maddasynyň 2-nji bölümi bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan çykarylýar;

3) karar iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugyndaky resmi namalaryna çatylýar. Karar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy

maddasynyň 3-nji bölümi bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar;

4) karar basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda görkezilýär;

5) kararyň 2-nji bölüminde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek bellenilýän emlägiň görnüşi görkezilýär;

**«hasabyna salgyt töletdirilip bilinjek emlägiň ýokdygy barada ykrarhat** – şu Usuly görkezmelere № 29 goşundy.

Ykrarhatyny düzmek boýunça düşündiriş:

1) hasabyna salgyt töletdirilip bilinjek emlägiň ýokdygy barada ykrarhat «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy maddasynda bellenilen düzgünleri hasaba almak bilen düzülýär;

2) emlägiň sanaw ýazgysyny düzmäge gatnaşan adamlaryň oňa gol çekmeden boýun gaçyrmagy we boýun gaçyrmagynyň sebäbini ýazmaça beýan etmekden boýun gaçyrmagy ykrarhatyň ahyrynda beýan edilýär;

3) ykrarhat düzülen gününden soňraky günden gijä galynman salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da ýolbaşçysynyň orunbasary tarapyndan tassyklanylýar;

4) ykrarhat näçe nusgada gerek bolsa, şonça sanda ýazylýar, olaryň biri salgyt gullugynda galýar, galanlary bolsa (ol tassyklanandan soň) barlagy geçirmäge gatnaşan adamlara berilýär;

**emlägiň sanaw ýazgysynyň ykrarhaty** – şu Usuly görkezmelere № 30 goşundy.

Ykrarhatyny düzmek boýunça düşündiriş:

1) hasabyna salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenilmedik möçberi tutulyp alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň ykrarhaty «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 66-njy we 67-nji maddalarynda bellenilen düzgünleri nazara almak bilen düzülýär;

2) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 68-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň ikinji bendinde görkezilen manatlardaky we daşary ýurt pulundaky nagt pul serişdeleri hem-de beýleki emläk býujete hasaplamak üçin şol günüň özünde banka tabşyrylmalydyr. Şol günüň dowamynda olary banka tabşyrmaga mümkinçilik bolmadyk mahaly, olar golaýdaky iş gününde tabşyrylmaga degişlidir, olar tabşyrylýança bolsa salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan jogapkärli saklamaga kabul edilýär, bu barada ykrarhata bellik edilýär;

3) hasabyna salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenilmedik möçberi tutulyp alynýan emlägiň sanaw ýazgysyny düzmek býujet guramalarynyň emlägi we girewe berlen emläk babatda geçirilmeýär;

4) emlägiň sanaw ýazgysyny düzmäge gatnaşan adamlaryň oňa gol çekmeden boýun gaçyrmagy we boýun gaçyrmagynyň sebäbini ýazmaça beýan etmekden boýun gaçyrmagy ykrarhatyň ahyrynda beýan edilýär;

5) ykrarhat düzülen gününden soňraky günden gijä galynman salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek barada çözgüdi kabul eden salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da ýolbaşçysynyň orunbasary tarapyndan tassyklanylýar;

6) ykrarhat näçe nusgada gerek bolsa, şonça sanda ýazylýar, olaryň biri salgyt gullugynda galýar, galanlary bolsa (ol tassyklanandan soň) emlägiň sanaw ýazgysyny düzmäge gatnaşan adamlara berilýär;

**sanaw ýazgysy düzülen emlägi saklamaga bermek barada dilhaty** – şu Usuly görkezmelere № 31 goşundy. Dilhaty iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi emlägi saklamaga kabul eden tarapa gowşurylýar, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) resminamalaryna çatylýar;

**salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmegi ýatyrmak barada karar** – şu Usuly görkezmelere № 32 goşundy.

Karary düzmäge düşündiriş:

1) karar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 65-nji maddasynyň 5-nji bölümi bilen bellenilen, şeýle hem kazyýet tarapyndan degişli çözgüt çykarylan halatynda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek barada öň çözgüt çykaran salgyt gullugy tarapyndan çykarylýar;

2) karar salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergi tölenilen ýa-da kazyýetiň degişli çözgüdi alnan günden soňraky günden giç bolmadyk möhletde çykarylýar;

3) karar iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

4) karar basma harplarda doldurylýar;

**talap arzasy** – şu Usuly görkezmelere № 33 goşundy.

Talap arzany ýazmaga düşündiriş:

1) salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläginiň hasabyna salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini tutup almak barada kazyýete talap arzasy olar salgydy tölemek boýunça borçlary bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmedik mahaly resmileşdirilýär we kazyýete berilýär. Talap arzasy kazyýete ýazmaça görnüşde berilýär we oňa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugynyň başlygy (başlygynyň orunbasary) gol çekýär. Talap arzasy üç nusgada düzülýär, olaryň biri kazyýete, ikinjisi jogap berijä iberilýär, üçünjisi bolsa salgyt gullugynda galýar.

Türkmenistanyň Araçy kazyýet-amal bitewi Kanunynyň 4-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda talap arzasy kazyýete berilýänçä meseläni düzgünleşdirmegiň kazyýete çenli bellenilen tertibi berjaý edilmelidir, ýagny, salgyt gullugy tarapyndan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 59-69-njy maddalarynyň talaplary ýerine ýetirilmelidir;

2) taraplaryň atlary, olaryň poçta salgylary we bank maglumatlary görkezilen mahaly nätäkyklyga, düşnüksizlige we ýalňyşlyklara ýol berilmeli däldir;

3) Aşgabat şäheri boýunça etrap salgyt gulluklary tarapyndan düzülen talap arzalary Türkmenistanyň Araçy kazyýetine berilýär, degişlilikde welaýatlardaky etrap salgyt gulluklarynyň talap arzalary Türkmenistanyň welaýat kazyýetlerine berilýär. Taraplaryň biri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda, salgyt töleýji diýlip ykrar edilen daşary ýurtly edara görnüşli tarap ýa-da şahsy adam bolan jedeller diňe Türkmenistanyň Araçy kazyýetinde garalmaga degişlidir;

4) kadalaşdyryjy hukuk namalary görkezilen mahaly kadalaşdyryjy hukuk namanyň degişli bölümi, bölegi, maddasy we şeýle namanyň doly ady, belgisi we senesi getirilýär;

5) talap arzasy kazyýete berilýänçä salgyt gullugynyň edarasy talap arzasynyň göçürme nusgasyny jogap berijä iberýär. Arza eline gowşurylyp berilýär, şunda jogap beriji talap arzasynyň göçürme nusgasyna ony alandygy hakynda bellik edýär, ol şeýle hem salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylandygy barada habardar edilmegi bilen poçta boýunça iberilýär.

Talap arzasynyň jogap berijiniň goly bilen göçürme nusgasy ýa-da gowşurylandygy hakyndaky habarnama talap arzasynyň ýanyna goşulýar we kazyýete berilýär;

**hasaplanan puşmana tölegleriniň möçberleri baradaky habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 34 goşundy.

Salgyt habarnamasynyň degişli setirlerine düşündiriş:

1) habarnama salgytlary tölemek boýunça borçnamalary salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmezligi boýunça geçen aýda hasaplanylan puşmana tölegleriniň ähli möçberleri barada düzülýär. Habarnamada şu Usuly görkezmesine

№ 16 goşunda laýyklykdaky görnüş boýunça salgyt töleýjiniň dykgatyna ýetirilen, kameral salgyt barlaglarynyň netijesinde goşmaça hasaplanylan, şu Usuly görkezmelere № 45 goşunda laýyklykdaky görnüş boýunça goýberilen salgyt hukuk bozulmalary üçin salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) jogapkärçilige çekmek baradaky karar we başgalar arkaly goşmaça hasaplanylan salgytlar boýunça ulanylan puşmana tölegleriniň möçberleri görkezilmeýär;

2) habarnama salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy tarapyndan ýazylýar;

3) habarnama iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasy bilen bellenilen möhletlerde salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) iberilýär, ikinjisi bolsa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugyndaky resminamalaryna çatylýar;

4) habarnama basma harplarda doldurylýar, habarnamanyň baha görkezijileri bolsa müň manatlarda görkezilýär. «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda öz işini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, haçan-da nebit işlerini ýerine ýetirmek boýunça şertnama laýyklykda, salgydy hasaplamaklyk ABŞ-nyň dollarynda bellenilen bolsa, baha görkezijileri ABŞ-nyň dollarlarynda doldurylýar;

**salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek barada kararlary, emlägiň sanaw ýazgysynyň ykrarhatlaryny we kazyýete talap arzalaryny hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 35 goşundy.

Žurnalyň degişli sütünlerine we setirlerine düşündiriş:

1) žurnal Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça salgyt gulluklary, şeýle hem özleri barasynda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek barada karar çykarylan, emlägiň sanaw ýazgysynyň ykrarhatlarynyň düzülen we kazyýete talap arzalary berlen salgyt töleýjileriň hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär;

2) kararlaryň, ykrarhatlaryň ýa-da talap arzalarynyň hasaba alnandygy baradaky ýazgylar degişli karar çykarylan, ykrarhaty ýa-da talap arzasy düzülen günde ýazylýar.

9. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 74-nji maddasynyň salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny), şeýle hem salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli bolan resminamalary we (ýa-da) maglumatlary bolan beýleki adamlary salgyt gullugynyň edaralaryna çagyrmak babatdaky talaplaryny ýerine ýetirmek üçin şu görnüşler bellenilýär:

**salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 36 goşundy.

Habarnamany düzmäge düşündiriş:

1) habarnama salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan şulara iberilýär:

salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) – şahsy adamlara;

salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – edara görnüşli taraplaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna;

salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli bolan resminamalary we (ýa-da) maglumatlary bolan, şol sanda şaýatlar, bilermenler, hünärmenler, terjimeçiler, güwäler hökmünde bu işe çekilýän adamlara;

2) raýatlary salgyt gullugynyň edaralaryna çagyrmak hukugy diňe gulluklaryň başlyklaryna (başlyklarynyň orunbasarlaryna) berlendir. Salgyt gullugynyň edarasyna önümçiliginde edara ediş salgyt hukuk bozulmalary baradaky işler bolan;

kameral ýa-da resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirýän, salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) hasabyny ýöredýän; býujete tölegleriň hasabyny ýöredýän, salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň tölenilmegini üpjün etmek boýunça çäreleri geçirýän gullukçylaryň göreldesi boýunça çagyrylýar;

3) öz ýanyna raýat çagyrylýan gullukçy habarnamanyň arka ýüzünde çagyrylýan adamynyň salgyt gullugynda bolan takyk wagtyny görkezýär, munuň özi bolsa şol gullukçy tarapyndan salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak baradaky habarnamalary hasaba alyş žurnalynda bellenilmelidir, şol žurnal bolsa şu Usuly görkezmelere № 36 goşunda laýyklykdaky görnüş boýunça ýöredilýär;

**salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak baradaky habarnamalary hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 37 goşundy.

Žurnaly ýöretmek üçin düşündiriş:

1) žurnal Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça salgyt gulluklary, şeýle hem özlerine salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak hakyndaky habarnama iberilýän salgyt töleýjileriň hasapda goýlan ýerindäki salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär;

2) habarnamalaryň hasaba alynmagy hakyndaky ýazgylar şol habarnamalar ýazylan günde ýazylýar.

10. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 82-84-nji maddalarynyň resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek boýunça talaplaryny ýerine ýetirmek üçin, şu görnüşler bellenilýär:

**resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek barada görkezme** – şu Usuly görkezmelere № 38 goşundy.

Görkezmäni düzmäge düşündiriş:

1) görkezme bir nusgada düzülýär we salgyt gullugynyň edarasynyň işgäri tarapyndan:

salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) – şahsy adamlara;

salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – edara görnüşli taraplaryň kanuny wekillerine görkezilýär;

2) görkezme salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda durýan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan, şeýle hem beýleki salgyt gulluklarynda hasapda durýan salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) garşylyklaýyn barlaglary geçirilen mahaly ýazylýar. Görkezme welaýat we Aşgabat şäheri boýunça salgyt gullugy, şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan hem olar özbaşdak barlaglary geçiren mahallary ýazylyp bilner;

3) salgyt gullugynyň gönüden-göni barlaglary geçirýän işgärleri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) çäklerine ýa-da jaýyna olar öz gulluk şahadatnamalaryny we görkezmeleri görkezen mahaly goýberilýär;

4) salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýa-da onuň kanuny wekiliniň görkezme bilen tanyşan senesi barlaglary geçirmäge başlanan sene bolup durýar;

5) görkezme salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlaglarynyň maglumatlaryna goşulýar;

**reýdli salgyt barlaglaryny geçirmek hakynda görkezme** – şu Usuly görkezmelere № 39 goşundy.

Görkezmäni düzmäge düşündiriş:

1) görkezme tabynlykdaky çäklerde reýdli barlaglar geçirilýän salgyt gullugy tarapyndan ýazylýar;

2) görkezme salgyt gullugynyň edarasynyň işgäri tarapyndan reýdli barlaglaryň geçirilýän çäklerinde bolan (ýa-da işhanalary, söwda nokatlary we başgalar bolan) salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – şahsy adamlaryň hem-de salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – edara görnüşli taraplaryň işgärleriniň ýa-da kanuny wekilleriniň tanyşmagy üçin olaryň salgyt babatda hasapda goýlan ýerine garamazdan berilýär;

3) salgyt gullugynyň gönüden-göni reýdli barlaglary geçirýän işgärleri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) çäklerine ýa-da jaýyna olar öz gulluk şahadatnamalaryny we görkezmeleri görkezen mahaly goýberilýär;

**resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek barada habarnama** – şu Usuly görkezmelere № 40 goşundy.

Habarnamany düzmäge düşündiriş:

1) habarnama salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda durýan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan düzülýär. Garşylyklaýyn barlaglar geçirilen mahaly habarnama salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýerleşýän ýerine garamazdan, şeýle barlagy geçirýän salgyt gullugy tarapyndan düzülýär. Habarnama welaýat we Aşgabat şäheri boýunça salgyt gullugy, şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan hem olar özbaşdak barlaglary amala aşyran mahaly düzülýär;

2) habarnama «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 41-nji maddasynyň talaplaryny nazara almak bilen iberilýär ýa-da gowşurylýar;

3) habarnamany salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýa-da onuň kanuny wekiliniň alan senesi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 32-nji we 82-nji maddalarynyň talaplaryny ulanmak maksady bilen, resminamalaýyn barlagyň bellenilendigi aýan bolan senesi bolup durýar;

4) habarnama iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär (iberilýär), ikinjisi bolsa barlagyň maglumatlaryna goşulýar;

**resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek baradaky görkezmeleri, reýdli salgyt barlaglary geçirmek baradaky görkezmeleri we resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek baradaky habarnamalary hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 41 goşundy.

Žurnaly ýöretmäge düşündiriş:

1) žurnal etraplar, şäherler, welaýatlar boýunça salgyt gulluklary, şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýöredilýär;

2) resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek baradaky görkezmeler, reýdli barlaglary geçirmek baradaky görkezmeler we resminamalaýyn barlaglary geçirmek baradaky habarnama olar düzülen gününde hasaba alynýar;

**resminamalary almak barada karar** – şu Usuly görkezmelere № 42 goşundy.

Karary düzmäge düşündiriş:

1) karar haçan-da salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy), beýleki barlanylýan tarap talap edilýän resminamalaryň göçürme nusgalaryny bermekden boýun gaçyran ýa-da salgyt gullugynyň resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirýän işgärinde resminamalaryň asyl nusgalarynyň ýok edilendigini, gizlenilýändigini, düzedilendigini ýa-da çalyşylandygyny çaklamaga ýeterlik derejede esaslary bar bolan halatlarynda çykarylýar;

2) karar salgyt gullugynyň resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirýän işgäri tarapyndan çykarylýar;

3) karar iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna), beýleki barlanylýan tarapa gowşurylýar, ikinjisi bolsa barlagyň maglumatlaryna goşulýar;

4) resminamalar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 82-nji maddasynyň 4-nji bölümi bilen bellenilen tertipde alynýar;

**resminamalary almagyň teswirnamasy** – şu Usuly görkezmelere № 43 goşundy.

Teswirnamany düzmäge düşündiriş:

1) teswirnama resminamalary almak baradaky karar bilen bilelikde düzülýär;

2) teswirnama salgyt gullugynyň resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirýän işgäri tarapyndan düzülýär;

3) teswirnama iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna), beýleki barlanylýan tarapa gowşurylýar, ikinjisi bolsa barlagyň maglumatlaryna goşulýar;

4) teswirnamada alnan resminamalaryň ady, düzülen senesi, belgisi, kim tarapyndan berlendigi, sahypalaryň sany we alnan resminamany we onuň barlaýan adam tarapyndan amala aşyrylýan maliýe-hojalyk amallaryna degişlidigini takyk deňeşdirip anyklamaga mümkinçilik berýän beýleki maglumatlar görkezilýär. Şahsy kompýuterleri ulanmak bilen hasabyny ýöretmek alnyp barylýan mahaly, barlag geşirýän adam şahsy kompýuteriň Türkmenistanyň salgyt babatdaky kanunçylygyň bozulmalaryna ýol berilendigine şaýatlyk edýän maglumatlary özünde saklaýan ulgamlaýyn blogy alyp biler;

5) resminamalar yzyna alnan mahaly salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna), beýleki barlanylýan tarapa alynýan resminamalaryň göçürme nusgalaryny almak üçin mümkinçilik bermäge borçludyr, olar bolsa resminamalaryň alnan asyl nusgalarynyň ýerine goýulýar, bu barada resminamalary almagyň teswirnamasynda bellik edilýär;

6) alnan resminamalar bellenilen möhlete çenli salgyt gullugynyň seýfinde saklanylýar;

**alnan resminamalary gaýtaryp bermek barada karar** – şu Usuly görkezmelere № 44 goşundy.

Karary düzmäge düşündiriş:

1) karar «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 82-nji maddasynyň 4-nji bölümi bilen bellenilen halatlarda çykarylýar;

2) karary işgäri resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirýän we resminamalary alýan salgyt gullugynyň bölüm başlygy çykarýar;

3) karar iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna), beýleki barlanylýan tarapa gowşurylýar, ikinjisi bolsa barlaglaryň maglumatlaryna goşulýar;

**goýberilen salgyt hukuk bozulmalary üçin salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny ýa-da beýleki günäkär adamy) jogapkärçilige çekmek barada karar** – şu Usuly görkezmelere № 45 goşundy.

Karary düzmäge düşündiriş:

1) karary resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren ýa-da başga usulda «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny arkaly maliýe jerimelerini bellemek görnüşinde jogapkärçilik bellenilen salgyt hukuk bozulmalaryny ýüze çykaran salgyt gullugynyň başlygy (ol bolmadyk mahaly bolsa – başlygynyň orunbasary) tarapyndan çykarylýar;

2) salgyt hukuk bozulmalary üçin salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny ýa-da beýleki günäkär adamy) jogapkärçilige çekmek baradaky kararda şular beýan edilýär:

geçirilen resminamalaýyn salgyt barlaglary ýa-da başga usul bilen bellenilişi ýaly, günäkär adamyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagyny amala aşyran ýagdaýy;

salgyt hakyndaky kanunçylygyň bozulmagynyň halatlaryny tassyklaýan we subut edýän resminamalar we gaýry maglumatlar;

salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň ýa-da beýleki günäkär adamyň) özüni goramak üçin getirýän delilleri we şol delilleri barlamagyň netijeleri;

şol bozulmalar boýunça maliýe jerimeleri görnüşinde jogapkärçilik çärelerini göz öňünde tutýan kadalaşdyryjy esaslary görkezmek bilen, salgyt hakyndaky kanunçylygyň anyk bozulmalary üçin günäkär adamy jogapkärçilige çekmek baradaky çözgüt;

3) karar edýän böleginiň 2.4-nji bölüminde beýleki zerur maglumatlar, şol sanda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň ýa-da başga adamynyň) şikaýatyna garamagyň netijeleri boýunça karar üýtgedilen halatynda öň kabul edilen karary ýatyrmak baradaky maglumatlar görkezilip bilner;

4) karar iki nusgada düzülýär, onuň birinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna), beýleki barlanýan tarapa berilýär, ikinjisi bolsa barlagyň maglumatlaryna goşulýar. Barlaglar geçirilen we karar çykarylan mahaly welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça salgyt gullugy,

şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kararyň göçürme nusgasy ol kabul edileninden soňky günden giç bolmadyk möhletde onuň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek üçin salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň ýa-da gaýry barlanylan tarapyň) hasapda goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna iberilýär;

**salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleri geçirmek barada karar** – şu Usuly görkezmelere № 46 goşundy.

Karary düzmäge düşündiriş:

1) karar salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleriň geçirilmeginiň zerurlygy bellenilýän halatda resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren salgyt gullugynyň başlygy (ol bolmadyk mahaly bolsa – başlygynyň orunbasary) tarapyndan çykarylýar;

2) şular çözgüt çykarmak üçin esas bolup hyzmat edip biler:

salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy ýa-da beýleki barlanylýan adam) tarapyndan barlaglaryň ykrarhatyna we barlaglar geçirilen mahaly nazara alynmadyk resminamalara, garşylyklaýyn barlaglary we başga çäreleri geçirmegi talap edýän delillendirilen nägilelikleriň bildirilmegi;

salgyt gullugynyň ygtyýarlyklaryna girmeýän, ýöne salgytlary hasaplamak we tölemek bilen baglanyşykly bolan meseleler boýunça hünärmenleriň ýa-da bilermenleriň netijenamasyny almak zerurlygy;

Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmak boýunça muňa ygtyýarly edilen edaralaryň netijenamalaryny hem-de düşündirişlerini almagyň zerurlygy;

**goýberilen salgyt hukuk bozulmalary üçin salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny ýa-da beýleki günäkär adamy) jogapkärçilige çekmek baradaky, salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleri geçirmek baradaky kararlary hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 47 goşundy.

Žurnaly ýöretmäge düşündiriş:

1) žurnal etraplar, şäherler, welaýatlar boýunça ähli salgyt gulluklary, şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýöredilýär;

2) salgyt hukuk bozulmalary üçin salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) jogapkärçilige çekmek baradaky, salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleri geçirmek baradaky kararlar degişli çözgüt çykarylan günde hasaba alynýar;

**salgyt barlaglaryny geçirmek barada görkezme** – şu Usuly görkezmelere № 48 goşundy.

Görkezmäni düzmäge düşündiriş:

1) görkezme iki nusgada düzülýär, olaryň biri salgyt gullugynyň edarasynyň işgäri tarapyndan:

salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) – şahsy adamlara;

salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – edara görnüşli taraplaryň kanuny wekillerine gowşurylýar;

2) görkezme salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda durýan salgyt gullugy tarapyndan ýazylýar. Görkezme welaýat we Aşgabat şäheri boýunça salgyt gullugy, şonuň ýaly-da hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan hem olar özbaşdak barlaglary geçiren mahaly ýazylyp berlip bilner;

3) gönüden-göni barlagy geçirýän salgyt gullugynyň işgärleri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) çäklerine ýa-da jaýyna öz gulluk şahadatnamalaryny we görkezmeleri görkezen mahaly aralaşyp bilerler;

4) görkezmäniň ikinji nusgasy salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) barlamagyň maglumatlaryna goşulýar;

**salgyt barlaglaryny geçirmek baradaky görkezmeleri hasaba alyş žurnaly** – şu Usuly görkezmelere № 49 goşundy.

Žurnaly ýöretmäge düşündiriş:

1) žurnal etraplar, şäherler, welaýatlar boýunça ähli salgyt gulluklary, şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýöredilýär;

2) barlaglary geçirmek hakyndaky görkezmeler olar düzülen güni hasaba alynýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 1 goşundy.

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="5">Salgytlar boýunça ýeňilliklerden peýdalanmazlyk (olary peýdalanmagy ret etmek) barada<br>ARZA</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="5">_____________________________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär.</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="5">Salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady: ___________________________<br>_______________________________________________________________</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="5">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi_____________________ Welaýat________________________<br>Etrap_________________________Şäher_____________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_________________________________________<br>Etrapça_________________________Şaýoly, köçe, geçelge____________________<br>Jaý_________________Korpus_________________Öý_____________________</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi_____________________ Welaýat________________________<br>Etrap___________________________Şäher___________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_________________________________________<br>Etrapça_________________________Şaýoly, köçe, geçelge____________________<br>Jaý_________________Korpus_________________Öý_____________________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTÝDS kody:</td><td>7</td><td>HSB</td><td>8</td><td>Telefony</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="5">Salgyt töleýjiniň - şahsy adamyň familiýasy__________________ ady________________<br>atasynyň ady_______________</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="5">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi______________________ Welaýat_______________________<br>Etrap___________________________Şäher___________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_________________________________________<br>Etrapça_________________________Şaýoly, köçe, geçelge____________________<br>Jaý_________________Korpus_________________Öý_____________________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="2">HSB</td><td colspan="2">12</td><td>Telefony</td></tr>
<tr><td>13</td><td colspan="2">Iberilen senesi 200__ý. _____ aýynyň «__»</td><td>14</td><td colspan="2">Alnan senesi 200__ý. _____ aýynyň «__»</td></tr>
<tr><td>15</td><td colspan="5">Şunuň bilen 200__ý.________ aýynyň «____» 200__ý.________aýynyň «____» aralygyndaky salgyt döwründe_______________________________________________<br>______________________________________________laýyklykda bellenilen<br>(«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň ýa-da başga kadalaşdyryjy hukuk namasynyň maddasy, bölegi, bölümi)<br>______________salgyt boýunça berilen ýeňillikleri peýdalanmagy ret edýändigimi yglan edýärin.<br>(salgydyň görnüşi)</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="5">Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ___________ ___________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br><br>Baş buhgalter ____________ _______________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br><br>Şahsy adam _____________ ______________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)</td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="5">Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy: ___________ ___________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br><br>Salgyt inspektory: ___________ _________________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)</td></tr>
</table>

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 2 goşundy.

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="5">Salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak barada<br>ARZA<br>200___ý.____________«___»</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="5">_________________________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär.</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="5">Salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady: ______________________________<br>____________________________________________________________</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="5">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi______________________ Welaýat_____________________________<br>Etrap__________________________Şäher______________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)________________________________________<br>Etrapça__________________________Şaýoly, köçe, geçelge______________________<br>Jaý_________________Korpus__________________Öý______________________</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="5">Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi______________________ Welaýat_____________________________<br>Etrap______________________________Şäher__________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)________________________________________<br>Etrapça__________________________Şaýoly, köçe, geçelge______________________<br>Jaý_________________Korpus__________________Öý______________________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTÝDS kody:</td><td>7</td><td>HSB</td><td>8</td><td>Telefony</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="5">Salgyt töleýjiniň – hususy telekeçiniň familiýasy____________________ ady__________<br>atasynyň ady_______________</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="5">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi______________________ Welaýat_____________________________<br>Etrap______________________________Şäher__________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)________________________________________<br>Etrapça__________________________Şaýoly, köçe, geçelge______________________<br>Jaý_________________Korpus__________________Öý______________________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="3">HSB</td><td>12</td><td>Telefony</td></tr>
<tr><td>13</td><td colspan="2">Iberilen senesi 200__ý. _____ aýynyň «__»</td><td>14</td><td colspan="2">Alnan senesi 200__ý. _____ aýynyň «__»</td></tr>
<tr><td>15</td><td colspan="5">Şunuň bilen habar berýärin, ýagny 200__ý. __________ aýynyň «__» 200__ý. _________ aýynyň «__» aralygyndaky salgyt döwründe ____________________________________<br>(salgydyň görnüşi)<br>hasaplanylan mahaly, aşakda görkezilen hukuk esaslar boýunça salgyt ýeňillikleri we salgytdan boşatmalar ulanyldy, şeýle hem şol esaslara laýyklykda, salgydy hasaplamak maksady bilen salgyt özenine goşulmadyk we salgyt özenini azaldýan möçberler barada habar berýärin.</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="4">Hukuk esasy</td><td>Salgyt özenine goşulmadyk (salgyt özenini azaldýan) möçber</td></tr>
<tr><td>16.1</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.2</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.3</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.4</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.5</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.6</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.7</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.8</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>16.9</td><td colspan="4"></td><td></td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="4">Jemi</td><td></td></tr>
</table>

| | |
|---|---|
| 18 | Ýokarda görkezilen salgyt ýeňilliklerini we salgytdan boşatmalary ulanmagyň netijesinde ______________________________ hasaplanylmadyk we tölenilmedik möçberiň hasaplanany<br>*(salgydyň görnüşi)*<br>________________________________ barabardyr. |
| 19 | Şu arzada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ___________ ___________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Baş buhgalter _____________ ___________________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Hususy telekeçi______________ ___________________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |
| 20 | Kameral barlagyň netijesinde_______________________________________________<br>_______________________________________________________________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi 200__ý.______________aýynyň «____» |
| 21 | Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy: ___________ ____________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Salgyt inspektory: ___________ ______________________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 3 goşundy.

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="3">Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky bank edaralarynda hasaplaşyk ýa-da gaýry hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy barada<br>HABARNAMA</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="3">________________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär.</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="3">Salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady: ____________________<br>________________________________________</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="3">Hukuk salgysy: Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý_____Korpus_____Öý_____ HSB _____Telefony_____</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="3">Salgyt töleýjiniň – hususy telekeçiniň<br>familiýasy __________<br>ady__________<br>atasynyň ady__________</td></tr>
<tr><td>6</td><td colspan="3">Ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý_____Korpus_____Öý_____ HSB _____Telefony_____</td></tr>
<tr><td>7</td><td>Iberilen senesi 200__ý. _____aýynyň «__»</td><td>8</td><td>Alnan senesi 200__ý. _____ aýynyň «__»</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="3">Hasap açylan bank edarasynyň doly ady:__________<br>________________________________________</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="3">Hukuk salgysy: Ýurt__________<br>Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý__________Korpus__________Telefony__________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="3">«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginden daşardaky bank edaralarynda hasabyň açylandygy/ýapylandygy barada habardar edýärin.<br>(gerekdälini çyzmaly)</td></tr>
<tr><td>12</td><td>Hasabyň görnüşi</td><td>Hasabyň belgisi</td><td>Hasabyň açylan (ýapylan) senesi</td></tr>
<tr><td>12.1</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>12.2</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>12.3</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>13</td><td colspan="3">Hasaby açmagyň maksady:__________<br>________________________________________</td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="3">Şu habarnamada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy __________ __________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br><br>Baş buhgalter __________ __________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br><br>Hususy telekeçi__________ __________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)</td></tr>
</table>

| | |
|---|---|
| 15 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlar hasaba almak we salgyt gözegçiliginiň maksatlary üçin kabul edildi.<br>Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy: ___________ ______________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br><br>Salgyt inspektory: ___________ ______________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 4 goşundy.

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="3">Beýleki edara görnüşli taraplara (ýa-da şereketlere) paýly gatnaşmak barada<br>HABARNAMA</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="3">____________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär.</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="3">Salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady: ____________________<br>____________________</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="3">Hukuk salgysy: Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______ HSB ______Telefony______</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="3">Salgyt töleýjiniň – hususy telekeçiniň<br>familiýasy __________<br>ady__________<br>atasynyň ady__________</td></tr>
<tr><td>6</td><td colspan="3">Ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______HSB ______Telefony______</td></tr>
<tr><td>7</td><td colspan="3">Iberilen senesi 200__ý. _____aýynyň «__» | 8 | Alnan senesi 200__ ý. _____ aýynyň «___»</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="3">Paýly gatnaşmak bar bolan edara görnüşli tarapyň doly ady:__________</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="3">Hukuk salgysy: Ýurt__________<br>Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______ HSB ______Telefony______</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="3">«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, görkezilen edara görnüşli tarapa paýly gatnaşýandygym hakynda habardar edýärin:</td></tr>
<tr><td>12</td><td>Paýly gatnaşmagyň görnüşi</td><td>Paýyň ölçegi</td><td>Paýly gatnaşmagy tassyklaýan resminamanyň ady, belgisi we senesi</td></tr>
<tr><td>13</td><td>1</td><td>2</td><td>3</td></tr>
<tr><td>13.1</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>13.2</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>13.3</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="3">Paýly gatnaşmak üçin goýumyň möçberi:__________</td></tr>
<tr><td>15</td><td colspan="3">Paýly gatnaşmakdan göz öňünde tutulan girdejiniň görnüşi:__________</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="3">Girdejini tölemegiň bellenilen möhletler__________</td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="3">«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, ____________________esasynda döredilen şerekete<br>(şereketi döretmek baradaky şertnamanyň belgisi, senesi we ady)<br>gatnaşýanlygym barada habardar edýärin.</td></tr>
<tr><td>18</td><td colspan="3">Şerekete gatnaşýandygyny tassyklaýan resminamanyň ady, belgisi we senesi:__________</td></tr>
</table>

| | |
|---|---|
| 19 | Şereketiň adyndan işi alyp barmaga ygtyýarly edilen edara görnüşli tarapyň doly ady:________ |
| 20 | Hukuk salgysy: Poçta indeksi_______________________ Welaýat______________________<br>Etrap___________________________Şäher_______________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)___________________________________________________<br>Etrapça____________________________Şaýoly, köçe, geçelge________________________<br>Jaý________Korpus_________Öý____________ HSB _______________Telefony_________ |
| 21 | Şereketiň adyndan işi alyp barmaga ygtyýarly edilen – hususy telekeçiniň<br>familiýasy ___________________________________________________________________<br>ady__________________________________________________________________________<br>atasynyň ady_________________________________________________________________ |
| 22 | Ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi_______________________ Welaýat_______________<br>Etrap___________________________Şäher_______________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)___________________________________________________<br>Etrapça____________________________Şaýoly, köçe, geçelge________________________<br>Jaý________Korpus_________Öý____________ HSB _______________Telefony_________ |
| 23 | Şerekete gatnaşmakdan göz öňüne tutulan girdejiniň görnüşi____________________________ |
| 24 | Şerekete gatnaşmakdaky paýynyň ölçegi:__________________________________________ |
| 25 | Girdejini tölemegiň bellenilen möhletleri:__________________________________________ |
| 26 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ___________ ___________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br><br>Baş buhgalter _____________ ___________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br><br>Hususy telekeçi ___________ ___________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |
| 27 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlar hasaba almak we salgyt gözegçiliginiň maksatlary üçin kabul edildi.<br>Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy: ___________ ___________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br><br>Salgyt inspektory: ___________ ___________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 5 goşundy.

| | |
|---|---|
| 1 | **Edara görnüşli tarapyň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň döredilendigi, üýtgedilip guralandygy ýa-da ýapylandygy barada**<br>**HABARNAMA** |
| 2 | ________________________________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär. |
| 3 | Edara görnüşli tarapyň doly ady: ________________________________________<br>________________________________________ |
| 4 | Hukuk salgysy: Ýurt________________________________________<br>Poçta indeksi__________________________ Welaýat____________________________<br>Etrap_________________________Şäher____________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)______________________________________<br>Etrapça__________________________Şaýoly, köçe, geçelge______________________<br>Jaý________Korpus________Öý___________ HSB _______________Telefony________ |
| 5 | Iberilen senesi 200 __ý. _____ aýynyň «___» \| 6 \| Alnan senesi 200__ý. _____ aýynyň «___» |
| 7 | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň döredilendigi/üýtgedilip guralandygy/ýapylandygy<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>barada habardar edýäris:<br>Edara görnüşli tarapyň aýrybaşgalanan düzüm birliginiň doly ady:__________________________ |
| 8 | Aýrybaşgalanan düzüm birliginiň ýerleşýän ýeriniň salgysy:<br>Ýurt:________________________________________<br>Poçta indeksi______________________ Welaýat______________________________<br>Etrap_________________________Şäher____________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)______________________________________<br>Etrapça__________________________Şaýoly, köçe, geçelge______________________<br>Jaý________Korpus________Öý___________ HSB _______________Telefony_________ |
| 9 | ________________________________________<br>*(resminamanyň ady, belgisi we senesi)*<br>_________________laýyklykda aýrybaşgalanan düzüm birligi döredildi/üýtgedilip guraldy/ýapyldy<br>*(gerekdälini çyzmaly)* |
| 10 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ___________ _____________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Baş buhgalter ____________ _____________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |
| 11 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlar hasaba almak we salgyt gözegçiliginiň maksatlary üçin kabul edildi.<br>Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy: ___________ ___________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Salgyt inspektory: ___________ _____________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 6 goşundy.

| | |
|---|---|
| 1 | **Işini bes edýändigi, ýapylýandygy ýa-da üýtgedilip guralýandygy, gurpsyz (batan) diýip yglan edilýändigi barada HABARNAMA** |
| 2 | ________________________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär. |
| 3 | Edara görnüşli tarapyň doly ady: ____________________________<br>________________________________________________ |
| 4 | Rezident bolup durýan ýurdyndaky (Türkmenistanyň rezidenti däl edara görnüşli taraplar üçin) hukuk salgysy: Ýurt:____________________<br>Poçta indeksi____________ Welaýat____________________<br>Etrap______________Şäher____________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)____________________<br>Etrapça______________Şaýoly, köçe, geçelge____________<br>Jaý______Korpus______Öý______ HSB ________Telefony______ |
| 5 | Türkmenistanda ýerleşýän ýeriniň salgysy (ýa-da hukuk salgysy):<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>Poçta indeksi____________ Welaýat____________________<br>Etrap______________Şäher____________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)____________________<br>Etrapça______________Şaýoly, köçe, geçelge____________<br>Jaý______Korpus______Öý______ HSB ________Telefony______ |
| 6 | Hususy telekeçiniň familiýasy ____________________________<br>ady____________________________________<br>atasynyň ady________________________________ |
| 7 | Ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi__________ Welaýat______________<br>Etrap______________Şäher____________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)____________________<br>Etrapça______________Şaýoly, köçe, geçelge____________<br>Jaý______Korpus______Öý______ HSB ________Telefony______ |
| 8 | Iberilen senesi 200__ý. _____aýynyň «____» \| 9 \| Alnan senesi 200__ý. _____aýynyň «____» |
| 10 | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, işimi bes edendigim/ýapandygym/gaýtadan gurandygym/gurpsyz (batan) diýip yglan<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>edilendigim hakynda habardar edýärin. |
| 11 | ________________________________________________<br>*(resminamanyň ady, belgisi we senesi)*<br>________________laýyklykda işini bes etmek/ýapmak/gaýtadan guramak/gurpsyz (batan)<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>diýip yglan etmek amala aşyrylýar. |
| 12 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy __________ ____________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Baş buhgalter __________ ____________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Hususy telekeçi __________ ____________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

| | |
|---|---|
| 13 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlar hasaba almak we salgyt gözegçiliginiň maksatlary üçin kabul edildi.<br>Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy: ___________ ______________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Salgyt inspektory: ___________ ______________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 25-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň 2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň «18» çykaran № 32 buýrugy bilen tassyklanan, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň I bölegi bilen bellenilen resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelere № 7 goşundy.

| | |
|---|---|
| 1 | **Edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýeriniň, dolandyrylýan ýeriniň we hususy telekeçiniň ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi barada HABARNAMA** |
| 2 | ________________ boýunça döwlet salgyt gullugyna berilýär. |
| 3 | Edara görnüşli tarapyň doly ady: ________________<br>________________ |
| 4 | Rezident bolup durýan ýurdyndaky (Türkmenistanyň rezidenti däl edara görnüşli taraplar üçin) hukuk salgysy: Ýurt:________________<br>Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______HSB ______Telefony______ |
| 5 | Türkmenistanda ýerleşýän ýeriniň salgysy (ýa-da hukuk salgysy):<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______HSB______Telefony______ |
| 6 | Hususy telekeçiniň familiýasy__________ady__________ atasynyň ady__________ |
| 7 | Ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______ HSB ______Telefony______ |
| 8 | Iberilen senesi 200__ý. _____aýynyň «___» \| 9 \| Alnan senesi 200__ý. ______aýynyň «___» |
| 10 | «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 23-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýeriniň we dolandyrylýan ýeriniň, we (ýa-da) hususy<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>telekeçiniň ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi barada habardar edýärin. |
| 11 | ________________<br>*(salgyny üýtgetmegiň sebäbi)*<br>________________<br>*(resminamanyň ady, belgisi we senesi)*<br>__________laýyklykda edara görnüşli tarapyň (şahamçasynyň, wekilçiliginiň)<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>ýerleşýän ýerini, dolandyrylýan ýerini üýtgetmek amala aşyryldy.<br>*(gerekdälini çyzmaly)* |
| 12 | Rezident bolup durýan ýurdyndaky (Türkmenistanyň rezidenti däl edara görnüşli taraplar üçin) täze hukuk salgysy (ýa-da dolandyrýan ýeriniň salgysy):<br>*(gerekdälini çyzmaly)*<br>Ýurt:________________<br>Poçta indeksi__________ Welaýat__________<br>Etrap__________Şäher__________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)__________<br>Etrapça__________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus______Öý______HSB______Telefony______ |
| 13 | Edara görnüşli tarapyň Türkmenistanda ýerleşýän ýeriniň/dolandyrýan ýeriniň täze salgysy:<br>*(gerekdälini çyzmaly)* |

| | |
|---|---|
| | Poçta indeksi_______________________ Welaýat_______________________________________<br>Etrap___________________________Şäher___________________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)___________________________________________________<br>Etrapça___________________________Şaýoly, köçe, geçelge___________________________<br>Jaý________Korpus_________Öý___________HSB________________Telefony_____________ |
| 14 | Hususy telekeçiniň ýaşaýan ýeriniň täze salgysy:<br>Poçta indeksi_______________________ Welaýat_______________________________________<br>Etrap___________________________Şäher___________________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)___________________________________________________<br>Etrapça___________________________Şaýoly, köçe, geçelge___________________________<br>Jaý________Korpus_________Öý___________HSB________________Telefony_____________ |
| 15 | Şu habarnamada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ___________ _____________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br><br>Baş buhgalter ____________ _____________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br><br>Hususy telekeçi ______________ _____________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |
